# Ýapyk araçäklerden ölüme uçmak…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýapyk araçäklerden ölüme uçmak… ÝAPYK ARAÇÄKLERDEN ÖLÜME UÇMAK…



***• häzirbegjan ýolagçy uçary nämüçin Çeçenistanyñ paýtagtyna gonman, Hazar deñziniñ gündogar kenarynda ýere uruldy?***
*Häzirbegjanyñ paýtagty Bakuwdan Orsyýetiñ düzümindäki Çeçenistanyñ paýtagty Groznä barýarka Gazagystanyñ Aktau şäheriniñ golaýynda heläkçilige uçran uçaryñ gowury dowam edýär / Fotosurat: Reuters*

Aktaudaky uçar heläkçiligi boýunça Kreml gipotetalary (çaklamalara esaslanýan pikirleri) öñe sürenok. Putin düýn aradan çykanlaryñ hossarlaryna gynanç bildirdi, ýaralananlaryñ çalt gutulmagyny diledi.
Häzir derñew dowam edýär. Derñewiñ netijelerine seredip

gipotetalary orta atmak dogry däl, biz beýdip bilmeris.
Bu sözler ýüpe un sermeler tapgyryndan Kremliñ press-sekretary Dmitriý Peskowa degişli. Şol tapgyrdan Gazagystan Senatynyñ başlygy Maulen Aşimbaýewiñ beýanaty-da şular ýaly:
*– Ýörite komissiýa işläp otyr. Gazagystanyñ, Häzirbegjanyñ, Orsyýetiñ degişli edaralaryndan wekiller çagyryldy. Bu ýurtlaryñ wekilleriniñ ýany bilen biziñ hünärmenlerimizem iş geçirip ýör. Fotosuratlara seredip bu hadysanyñ pylan-pysmydan hereketleriñ netijesidigine gelmek boş hyşy-wyşylardyr we esassyz düşündirişlerdir.*
Garaşsyz Döwletleriñ Arkalaşygynyñ (GDA) resmi däl forumyna gatnaşmak üçin Sankt-Peterburga giden Häzirbegjanyñ prezidenti Ylham Alyýew awiaheläkçiligiñ habaryny alan badyna yzyna öwrülip eden nobatdan daşary ýygnanyşygynda «Maña berilen maglumatda Bakudan Grozna uçan AZAL-yñ uçary howanyñ ýaramazlaşandygy zerarly ugruny üýtgedipdir we gonup ugranda heläkçiligiñ bolup geçen Aktau aeroportuna tarap uçupdyr» diýdi.
«Kommersant» gazetiniñ korrespondenti Andreý Kolesnikowyñ ýazmagyna görä, GDA-nyñ Sankt-Peterburgdaky resmi däl duşuşygyna Ermenistanyñ premýer-ministri Nikol Paşinýan hem gatnaşmansoñ, çykyp sözlän gysga sözünde heläkçilik zerarly Alyýewe gynanç bildirýändigini aýdan Wladimir Putiniñ «dile geldi-bile geldisinden» soñ hatda Belarusyñ prezidenti Aleksandr Lukaşenko hem dymanyny gowy gördi.
Ýagny birküç ýyl bäri Alyýew bilen Paşinýanyñ arasynda bolup geçen söz atyşmalary sebäpli belli bir derejede janlanma oýandyran GDA forumlary şu ýyl Häzirbegjanyñ prezidentiniñ we Ermenustanyñ hökümet başlygynyñ gatnaşyp bilmändigi üçin juda öçügsi geçdi.
Şeýle öçügsilikde Häzirbegjanyñ Howa Ýollary gullugynyñ (AZAL) uçarynyñ Çeçenistanyñ paýtagty Grozna gonmagyna rugsat berilmändigi sebäpli Gazagystanyñ Aktau howa menziline gonmaga peýlenende uçran heläkçiliginiñ paýy uly.
Uçar heläkçiligi boýunça ýaýran wideogörnüşleriñ sany artdygysaýy Moskwanyñ we Astananyñ gürrüñimiziñ başynda iki mysaly berilen düşündirişlere meñzeş mazmunly täze

düşündirişleri bermegi gutulgusyz bolar…
Häzirbegjanyñ prezidentiniñ «daşarky howp», premýer-ministriniñ «pandemiýa» diýip görkezýän tutaryklary bilen araçäkleriñ 2020-nji ýylyñ martyndan bäri ýapyk bolmagy şonsuzam jemgyýetiñ demligini bogup durka, 25-nji dekabrda bolup geçen uçar heläkçiligi «Bakudan Grozna çenli aralyk bary-ýogy 480 km-kä nämüçin garaýol ýa demirýol bilen däl-de, uçar bilen ýol aşmaly?» diýen soragyñ has batly ses bilen soralmagyna sebäp boldy.
Öñ birnäçe gezek biz häzirbegjan hökümetine sorag beripdik:
1. Hudaýyñ haky üçin premýer-ministrimiz her üç aýdan bir gezek «pandemiýa howpunyñ geçmändigi sebäpli araçäkleriñ ýapyk saklanjakdygyny» yglan edip durka, prezidentiñ araçäkleriñ ýapyk saklanmagyny «daşarky howplar» bilen baglanyşdyrmagyna nähili düşünmeli?
Biz bularyñ haýsysyna ynanmaly? «Daşarky howp» dünýäniñ haýsy ýurdunda ýok? Ol ýurtlaryñ barsy öz araçäklerini raýatlarynyñ giriş-çykyşyny gadagan edip öñüni alyş çäresini geçirýärmi?
Muña ynanar ýaly adamlary şeýlekin dereje akmak görýärlermi ýa?
Aý jan doganlar, Häzirbegjan-Gürjüstan, Häzirbegjan-Orsyýet, Häzirbegjan-Eýran araçäk liniýalarynyñ 10-15 metr añyrsynda oturan gardaşlaryñ biri-biriniñ ýanyna barmagy ücin ilki paýtagt Bakuwa, yzyndan uçar bilen Tiflise, Töwrize, Tährana, Derbende, Mahaçgala baryp, täzeden şol araçäk liniýasyna gaýdyp gelmegi üçin azyndan müñ kilometr geçmegi size nämüçin beýle keýp berýär?
Birem şobir ýoluñ yza gidilýän ýerem bar.
Ýene bir gezek ýazýarys: Häzirbegjanyñ Akstafa etrabynyñ Muganly obasyndan Gürjüstan tarapyna geçýän ýoluñ uzynlygy 20 metr bolsa, şol obanyñ ýaşaýjysynyñ liniýany geçmek üçin Bakuwa gelmegi, yzyndan Tiflise uçmagy we onuñ yzyndan garaýol bilen araçägiñ Gürjüstan tarapyndaky oba barmagy adamzat taryhynyñ iñ uly zulmy dälmi näme?
AZAL-yñ uçarynyñ 25-nji dekabrda uçran heläkçiligi häkimiýet «bir musybat müñ nesihatdan ýagşydyr» sözüniñ manysyna düşünip netije çykarmagyna we 2020-nji ýylyñ martyndan bäri ýapyk

saklaýan araçäklerini açmagyna sebäp bolar.
Eger şeýtmese, onda guryýerden geçýän araçäklerini ýapyk saklany bilenem çäklenmän, howa we deňiz ýollary arkaly giriş-çykyş gapylaryny-da ýapyp, Enwer Hojanyň Albaniýasyny yglan etmeli bolar.
AZAL uçarynyň uçran we 38 adamyň ölmegine getiren heläkçiligiň sebäbini düşündirmek üçin ors, gazak, häzirbegjan toparlarynyň gyssanmazlygy beýlede dursun, Orsyýetiň 2022-nji ýylyň 24-nji fewralynda Ukraina çozmagy bilen Demirgazyk Kawkazda we Tatarystanda emele gelen dartgynly ýagdaýa ser salmakda peýda bar.
«Wagneriň» serkerdesi Prigožinin 2023-nji ýylyň 23-nji awgustynda bolup geçen awiaheläkçilikde aradan çykmagyndan soň Ukraina bilen urşuň ähli agramyny boýnuna alýandygyny aýdan Çeçenistanyň prezidenti Ramzan Kadyrowyň pyrylldaklary Demirgazyk Kawkazy-da Ukrainanyň dron hüjümleriniň obýektine öwürdi.
Ors we ukrain habar beriş serişdelerini ýakyndan yzarlaýanlar Ukrainanyn tutuş gije-gündiz yzyny üzmän Demirgazyk Kawkazyň üstüne dron hüjümlerini gurnaýandygyny görýär.
AZAL uçarynyň Groznyý aeroportyna gonmagyna rugsat berilmedik minutlarynda howada ýarylan ukrain dronynyň bölegi Demirgazyk Osetiýanyň Alaniýa şäherindäki söwda merkezine gelip düşende, Alaniýanyň «Mall» söwda merkezi ýanyp kül boldy.
AZAL uçarynyň Groznydan soň iň ýakyndaky Mahaçgala howa menziline gonmagyna rugsat berilmän, Hazar deňziniň gündogar kenaryndaky Gazagystanyň Aktau howa menziline tarap ugrukdyrylmagynyň sebäbi we maksady nämekä? Uçar çyndanam Häzirbegjanyň içindäki haýsydyr bir howa menziline gondurylyp bilinmezmidi?
Groznyý aeroportynyň ýolbaşçylary AZAL uçaryna ukrain dronynyň urlandygyny anyklabam, halkara aeroportçylyk düzgünlerini berjaý etmezliginiň bökdençiligini başdan geçirmezlik üçin zolaga gonmaga rugsat bermedilermi?
Ýa bolmasa dünýäniň iň abraýly metbugat organlaryndan «Reuters»-iň «häzirbegjanly dört sany döwlet işgäriniň aýdan sözüne salgylanýandygyny» öňe süren habarynda AZAL uçaryna ors

raketasy degdimi we Groznyý howa menziline gonmaga rugsat berilmändigi beýlede dursun, uçaryñ Hazar deñziniñ gündogar kenaryna gönükmegini-de Orsyýet talap etdimi?
Uçaryñ Häzirbegjana gaýdyp gelmegini kim islemedikä?
Abraýym gaçmasa bolýar diýip, Orsyýet uçarda barýan 68 ýolagçynyñ janyny howp astyna salmagyñ webalynyñ astyndan çykyp bilermikä?
Käbir türk hünärmenleriniñem bu hadysany we soñky prosesi ýakyndan synlaýandygyny bilýäris we bizem özleri bilen ikitaraplaýyn pikir alyşmak arkaly ýagdaýy aýdyñlaşdyrmaga synanyşýarys.
Hünärmenler uçaryñ yz tarapyndaky deşikleriñ «guş girip» bolmandygynyñ üstünde dursa, asla Amerikany täzeden açmaýandyklary bilen birlikde aýratynam Orsyýetiñ we Gazagystanyñ ýokary wezipeli ýolbaşçylarynyñ dowamly «sabyr-takat» çagyryşlaryna gulak asmakdan başga ýolam galmaýar.
Her niçik-de bolsa Häzirbegjan bilen Orsyýetiñ ýaranlykdan has berk ýola goýlan ýakyn hyzmatdaşlyk şertnamasy bar… Şonuñ üçin ýene birnäçe gün garaşalyñ: Eger raýatlaryny ölüme äkiden uçaryñ ykbaly barada öz göwünleriniñ isleýşi ýaly beýanaty jemgyýetçiligiñ dykgatyna ýetirmegi makul bilseler-ä, Häzirbegjanyñ araçäkleriniñ açyljagyna bolan umytlar hemişelik sönüp gider. Aslynda hökümetler umytlary söndürmek üçin däl-de, ýaşatmak üçin bar bolmaly…

Maýis ALIZADE.

Anna, 27.12.2024 ý. Publisistika